For every child
Health, Education, Equality, Protection
ADVANCE HUMANITY
UNITED NATIONS CHILDREN'S FUND

# ÝUNISEF TÜRKMENISTANDA HEREKETDE

**Bitarap aýy, 2007 ý.**

**7-nji neşir**

## Habarnamanyň şu sanynda


| | |
|---|---|
| Çaga hukuklary bilen kämilleşmek | 2 |
| ÝUNISEF-iň wekiliniň Aşgabada sapary | 3 |
| Angliýa we Finländiýa sapary | 3 |
| Milli sanjym kampan-iniýasy | 4 |
| Maksatnamanyň orta möhletleýin syny | 4 |





## Çaganyň hukuklary baradaky konwensiýa 18 ýyl doldy!

Gadyrly okyjylar! Biziň habarnamamyzyň täze sanyna hoş geldiňiz. Soňky birnäçe aýyň dowamynda ÝUNISEF çagalar meselelerine degişli çäreleri işewirlik bilen durmuşa geçirdi we geljek ýyl üçin hem niýetlenen maksatnamalary meýilleşdirdi. ÝUNISEF we Türkmenistanyň hökümeti 2005-2009 ýyllar aralygyndaky döwür üçin ýurt maksatnamasynyň orta möhletleýin syny geçirmegi tamamladylar. Möhüm bolan netijeleriň birgidenini gazanandygymyza garamazdan, ýurdyň kiçi ýaşly raýatlary üçin bagtly we saglykly çagalygy üpjün etmek ugrunda öňümizdäki iki ýylyň içinde entek hem etmeli işlerimiz bar. Şu ýylyň içinde çaganyň hukuklary baradaky Konwensiýa 18 ýyl doldy we bu dabaraly sene bütin dünýäde bellenilip geçildi. Çünki, Konwensiýa laýyklykda ynsan 18 ýaşyny doldurýança çaga hasaplanýar. Hut şu sebäpden bu resminamanyň on sekiz ýyl dönümi simwoliki şanly dabara öwrülip, tutuş bir nesliň durşuna Konwensiýa tarapdan goragly bolandygyny aňladýar. Şu ýyl dönümi dabarasyna bagyşlap ÝUNISEF we Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligi çaga hukuklaryna degişli plakat taýarladylar. ÝUNISEF gyzamyk we gyzylja kesellerine garşy ýurduň çäginde Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň başlangyjy esasynda geçirlen milli kampaniýa hem işewir gatnaşdy.

Kampaniýa ýurduň ilatynyň tas kem ýarsyny diýen ýaly, şol sanda çagalaryň iki million çemesini we zenanlaryň bir million çemesini gurşap almaklyga niýetlenildi. Bilim ulgamynda döwlet tarapyndan geçirilýän reformalary goldamak maksady bilen Beýik Britaniýanyň ilçihanasy we Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlykda ÝUNISEF Bilim Ministrliginiň hünärmenleri üçin Angliýa we Finländiýa sapar gurnadylar. Amala aşyrlan şol tanyşyklyk sapary jemgyýetçilik bilim ulgamlarynyň syýasatyna we dolandyrlyşyna degişlilikde täze bilim almaga mümkinçilik döretdi. 2007-nji ýyl ýurt üçin we şahsan meniň özüm üçin özgerişleriň ýyly boldy. 2008-nji ýyldan başlap men ÝUNISEF-iň Özbegistandaky wekili hökmünde işe başlaryn. Türkmenistanyň hökümeti, çagalary, ene-atalary, mugallymlary, lukmançylyk hünärmenleri, halkara guramalar, edaralar, jemgyýetçilik guramalary we başgalar bilen hoşlaşmak bilen, çagalary bagtly durmuş bilen üpjün etmek işinde ÝUNISEF bilen saklanylan hyzmatdaşlyk we oňa berlen goldaw üçin men çuňňur minnetdarlygymy beýan edesim gelýär. Bu ýurtda geçiren soňky bäş ýylym meniň üçin ýatdan çykmajak ýyllar boldy. Men Türkmenistany we onuň ajaýyp adamlaryny we çagalaryny elmydama ýadymda saklaryn.

*Mahbub Şarif, ÝUNISEF-iň wekili*

## Çaga hukuklary bilen kämilleşmek



Çaganyň hukuklary baradaky konwensiýa (ÇHK) 18 ýyl mundan öň, Sanjar aýynyň 20-sine kabul edildi we şu ýylyň içinde 18 ýaşyna ýeten her bir adam ÇHK-nyň doly goragy astynda kemala gelen ilkinji nesliň bir bölegi bolup durýar. Hoş geldiňiz we sizi hem ÇHK-ny mübärekleýäris! Şu günki ýaşlara hukuklaryna eýe ynsanlar hökmünde mundan öň hiç wagyt görülmedik derejede sarpa goýulýar. Has ähmiýetli zat hem ýaşlaryň öz hukuklarynyň berkarar edilmeginde işjeň liderler hökmünde hasaplanýandygyndadyr. Konwensiýa – bu adam hukuklary babatyndaky halkara ylalaşyk bolmak bilen, onda çagalaryň hemmesiniň esasy hukuklary we azatlyklary bilen dogulýandygy barasynda nygtalýar. ÇHK hökmünde konwensiýa bu adamlar ýa-da döwletler arasyndaky ylalaşyk bolmak bilen, taraplaryň hersi şol kada laýyk hereket etjekdigine razy bolýar.

*Dowamy 2-nji sahypada*

# Çaga hukuklary bilen kämilleşmek












*1-nji sahypanyň dowamy*

Konwensiýanyň dabaraly ýyl dönümini belläp geçmek maksady bilen ÝUNISEF durmuşlarynda ÇHK-nyň täsiriniň bardygy ýa-da ýokdugy barasynda öz oý-pikirlerini beýan etmekde ýaşlara goldaw we tälim bermek üçin düýpli başlangyçlaryň birnäçesini durmuşa geçirdi. ÇHK çagalaryň durmuşyna neneňsi täsir edýär? Öz hukuklaryňy berjaý etmek... ýa-da olary bozmak nämäni aňladýarka? Ýaşaýşyň her bir döwründe çaganyň hukuklary bar. Ýaşaýşyň iň başynda ölmän galmazlyga, iýmitlenmäge we dogulanlygynyň resmileşdirilmegine degişli bolan hukuklar has wajyp. Çagalar mekdep ýaşyna ýetende olaryň bilime bolan hukugy barha uly ähmiýete eýe bolýar. Ahyrynda, haçanda olar ýetginjek ýaşyna baranda, olaryň goraga bolan hukugynyň wajyplygy artýar, çünki olar has özbaşdak bolýarlar we daşyny gurşap alan dünýäniň täsirine düşýärler.

**Pirki çagalyk – 0-5 ýaş aralygy** Ýaşaýşyň gowy başlanmagy idegli, howpsuz we sagdyn gurşawyň barlygyny aňladýar. Bu bolsa çaganyň ölmän galyp, beden, ruh, akyl we durmuş taýdan kemala gelmegine ýardam berýär. Bu bolsa durmuş hyzmatlarynyň esasylarynyň ähli çagalar üçin el ýeterli edilendigini we olaryň dünýä inen pursatyndan hasaba alynandygyny aňladýar.

**Çagalyk – 6-11 ýaş aralygy** Çagalaryň hemmesiniň doly mümkinçiliklere ýetmäge esas bolup durýan ýakymly gurşawda gowy hilli başlangyç bilim almaga hukugy bar. Şeýle hem çagalarda maglumatyň el ýeterli edilip goýulmagyna hukugy bar.

**Ýetginjeklik döwri – 12-14 ýaş aralygy** Hemme çagalaryň zulumdyr-zorlukdan, zyýandyr-şikesden we ekspluatirlenmekden goralmaga hukugy bardyr. Çagalaryň beden we/ýa-da ruhy taýdan jezalandyrmakdan gorkusyz durmuşda ýaşamaga hukugy bardyr.

**Giçki ýetginjeklik döwri - 15-18 ýaş aralygy** Çagalaryň gatnaşmagyna we maşgala, mekdebe we jemgyýete öz goşantlaryny etmegine mümkinçilik döredіji, goldaýjy gurşawda şahsy ukyplaryny we başarnyklaryny kämilleşdirmäge hukuklary bar.











# ÝUNISEF-iň sebitdäki müdüriniň sapary hyzmatdaşlygy güýçlendirýär

ÝUNISEF-iň Merkezi Aziýa we Gündogar Ýewropa we GDA ýurtlary boýunça sebitdäki müdüri hanym Mariýa Kaliwis Türkmenistana resmi sapar bilen gelip, Türkmenistanyň ýokary derejeli döwlet wekilleri bilen duşuşdy we döwlet tarapyndan başlanylyp, amala aşyrylýan täze reformalaryň çäginde çagalaryň geljegini maksat edinip, strategik hyzmatdaşlygy barha ýaýbaňlandyrmagyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdy. Üç günlik resmi sapary mahalynda hanym Mariýa Kaliwis Türkmenistanyň saglygy goraýyş, bilim pudaklarynda we çagalaryň durmuş taýdan ösüşi ugrunda ýetilen sepgitlere syn etmegi maksat edinip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdymuhamedow bilen duşuşdy. Şeýle hem duşuşygyň dowamynda Türkmenistan hökümeti bilen ÝUNISEF-iň amala aşyrýan ýurt maksatnamasynyň geljekki iki ýylyna degişli bolan hyzmatdaşlygyň gaýry goýulmasyz meseleleri ara alynyp maslahatlaşyldy. Türkmenistan hökümeti bilen ÝUNISEF-iň gatnaşmagynda şeýle ýokary derejedäki duşuşyk 2007-nji ýylyň



içinde ikinji gezek bolup geçdi. Şeýle duşuşyklaryň birinjisi 2007-nji ýylyň Ruhnama aýynyň icinde Nýu-Ýorkda Türkmenistanyň Prezidenti bilen ÝUNISEF-iň ýerine ýetiriji müdüri hanym Enn Weneman gatnaşmagynda bolup geçdi. Şonda Prezident ÝUNISEF-iň ýurtda edýän işine ýokary baha berip, ýurduň çäginde çagalara niýetlenip durmuşa geçirilýän bilelikdäki maksatnamalara hut özüniň gözegçilik etjekdigine we olara aýratyn üns berjekdigine söz berdi. Şeýle hem Prezident saglygy goraýyş, iýmitlendirme we bilim ulgamlaryndaky üstünlikleri has hem ilerletjekdigini belläp geçdi.

Hanym Mariýa Kaliwis şeýle-de Mejlisiň başlygy, Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň saglygy goraýyş we bilim meseleleri boýunça başlygynyň orunbasary, hem Daşary Işler ministriniň orunbasary bilen duşuşdy. Duşuşyklaryň barşynda reformalaryň çäginde çagalaryň hukuklaryna degişli meseleler we Türkmenistan hökümeti bilen ÝUNISEF-iň gatnaşmagynda bilelikdäki ýurt maksatnamasyna degişlilikde orta möhletleýin syna degişli meseleler ara alynyp maslahatlaşyldy.

# Bilim ulgamynyň hünärmenleriniň Angliýa we Finländiýa sapary

Bilim Ministrliginiň hünärmenleri Ýewropa döwletleriniň bilim ulgamlaryny öwrenmek maksady bolan Angliýa we Finländiýa sapar etdiler. Beýik Britaniýanyň ilçihanasy we Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlykda ÝUNISEF tarapyndan gurnalan bu sapar bilim pudagynyň wekillerini bilim bermegiň hilini gowylandyrmagyň we bilim ulgamyny dolandyrmagyň we Ýewropanyň umumy bilim ulgamlarynyň strategiýasynyň meseleleriniň giň gerimi bilen tanyşdyrdy. Finländiýada wekilçilikli topar bilim meseleleri boýunça Milli Geňeşe, Bilim Ministrligine, uniwersitetlere, mekdeplere we çagalar baglaryna bardylar. Angliýada bilim pudagynyň hünärmenleri bilim ulgamynyň ülňiler boýunça gullugynyň, Londonyň ýolbaşçylyk we bilim bermek Merkeziniň, bilim bermek we ösüş meseleleri boýunça Agentligiň, hünärmençilik we okuw meýilnamalary boýunça agentligiň we senetçilik-tehniki bilim boýunça Merkeziň işi bilen tanyşdylar. Tanyşlyk saparynyň netijesinde başlangyç,



ýokary we senetçilik-tehniki bilimleriň dürli meselelerine garaldy. Şu başlangyjyň netijesinde hünärmenler üçin öz Finländiýaly we Beýik Britaniýaly kärdeşlerinden bilimiň hemme taraplaýyn milli syýasatyny işläp düzmegiň öňde baryjy usulýetleri barasynda öwrenmäge mümkinçilik boldy. Saparyň barşynda okatmak prosesi okuwçylar üçin has gyzykly etmäge mümkinçilik döredýän bilim bermegiň interaktiw usulýetlerinden peýdalanmak tejribesi hem alyndy. Şonuň bilen bir hatarda bilim ulgamynyň her hili meseleleriniň çözgüdini tapmak bilen meşgullanýan her dürli özbaşdak gurluşlarynyň hereket ediş mehanizmleri bilen tanyşmak hem maksatnama goşuldy. ÝUNISEF Türkmenistanyň hökümeti bilen bilim reformalary amala aşyrmak maksady bilen hyzmatdaşlyk edýär we bilim ulgamyna gezek gelende ol BMG-nyň çägindäki ähli edaralaryň içinde ýolbaşçy agentlik hökmünde bellenildi. Ýolbaşçy agentlik hökmünde we çagalary gowy hilli bilim bilen üpjün etmekde öz ygtyýarnamasy esasynda, hususan-da, çaganyň irki we başlangyç bilimi ulgamynda ÝUNISEF ýokary derejeli goldawy bermegi teklip edýär. ÝUNISEF ösüş boýunça beýleki agentlikler bilen hem hyzmatdaşlygy ýola goýýar.

# ÝUNISEF sanjym kampaniýasynyň geçirilmegine ýardam berýär



Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi sanjym etmek boýunça milli kampaniýany geçirdi. Ol Türkmenistanyň çagalaryny we zenanlaryny gyzamyk we gyzylja kesellerinden gorar. Gyzamyk we gyzylja kesellerine garşy geçirlen kampaniýa ÝUNISEF, BSG, ABŞ-nyň keselleri gözegçilik astynda saklamak we olaryň öňüni almak boýunça Merkezi, ÝUSAID we Zdraw Plýus tarapyndan goldaw tapdy.

Gyzamyk we gyzylja kesellerine garşy iki hepdeläp dowam eden bu kampaniýa Türkmenistanyň çäginde ilkinji gezek geçirildi we 7 ýaşdan 23 ýaşa çenli tutuş ilaty we 24 ýaşdan 40 ýaşa çenli bolan zenanlary gurşap almagy maksat edindi. Bular bolsa üç million çemesi adam bolmak bilen, ýurduň ilatynyň ýarysyny diýen ýaly düzýärdi. Kampaniýa ýurduň ilatynyň tas kem ýarsyny diýen ýaly, şol sanda iki million çagalary we bir million zenanlary gurşap almaklyga niýetlenildi. Sanjym etmek – bu köplenç halatda körlüge, kerlige we akyl taýdan ösüşiň yza galmagyna alyp barýan gyzylja keseliniň öňüni almagyň ýeke-täk iň arzan usuly bolup durýar. Gyzylja keseline garşy sanjym gyzamyga garşy sanjym bilen bilelikde ulanylanda has netijeli bolýar.

Bu kampaniýanyň resmi taýdan Bitaraplyk aýynyň 12-ne Aşgabatda ýerleşýän döwletliler köşgünde başlandy. «Bu dabaraly sene çagalara, ýaşlara we zenanlara gözegçilik edip bolýan gyzamyk we gyzylja ýaly infeksiýalardan goranmaga mümkinçilik döreder. Biz guwanýarys we şular ýaly uly başlangyjy durmuşa geçirmekde bilelikde edilen tagallalar üçin halkara guramalara we milli hyzmatdaşlara minnetdarlygymyzy bildirýäris», diýip Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň epidemiologiýa bölüminiň müdüri Maral Aksakowa nygtap aýtdy.

Ilata sanjym etmek işine saglyk öýleriniň hemmesinde ýerleşen lukmançylyk brigadalarynyň 3000 gatnaşdy. Mundan başga-da sanjymlar mekdepleriň we kärhanalaryň çäklerinde goşmaça ýerleşdirlen lukmançylyk merkezlerinde hem edildi. Kampaniýa mahalynda sanjym alyp bilmedik adamlar ony soňrak hem alyp bilerler.

ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilçiliginiň başlygynyň orunbasary jenap Abdul Alim «sagdyn ýaşlar ýurduň öndüriji raýatlary bolýarlar we ýurduň ykdysadyýetine we abadançylygyna öz goşantlaryny edýärler» diýmek bilen şu dabaraly kampaniýanyň uly ähmiýete eýedigini belledi.

# ÝUNISEF we Hökümet 2008-2009 ýyllar üçin meseleleri kesgitleýärler

ÝUNISEF we Türkmenistanyň hökümeti 2005-2009 ýyllar aralygyndaky döwür üçin bilelikdäki ýurt maksatnamasyna degişlilikde orta möhletleýin syny geçirmegi tamamladylar we geljek iki ýyl üçin hem hyzmatdaşlygyň gaýry goýulmasyz ulgamlaryny kesgitlediler. Orta möhletleýin syn döwletde geçirilýän reformalar bilen baglylykda, Müňýyllygyň Ösüş Maksatlaryna (MÖM) BMG-ň edaralarynyň arasyndaky ylalaşygy gowylaşdyrmak zerurýeti sebäpli we maksatnamanyň üns merkezini we netijeliligini has hem çürt-kesik etmek bilen baglylykda geçirildi. Bilelikde durmuşa geçirilýän ýurt maksatnamasynyň ilkinji üç ýylynyň dowamynda ÝUNISEF-iň tehniki goldawy netijesinde çagalaryň we aýallaryň şertlerini mundan beýläk hem kämilleşdirmek ýetmek maksady bilen hökümet görnükli sepgitlere ýetdi. Çaganyň hukuklary barasyndaky Konwensiýanyň durmuşa gecirilmegi boýunça hasabatyň Türkmenistan tarapyndan taýarlanyp tabşyrylmagy, çagalaryň ölmän galmagyny has hem kämilleşdirmäge niýetlenen maksatnamalaryň kabul edilmegi, sanjym geçirmek boýunça dowamly maksatnamanyň hereketde bolmagy, durmuş ulgamyna we obanyň ösmegine goýberilen görnükli maýa goýumlar, şeýle hem ýaşlaryň howpsyz we önümçilikli geljegini kepil geçýän öňüni alyş maksatnamalar - bularyň hemmesi möhüm üstünliklerdir.

Orta möhletleýin syn 2008-2009 ýyllarda ÝUNISEF bilen Türkmenistan hökümetiniň ähli tagallalaryny we serişdelerini çagalar üçin niýetlenen Milli Hereketler Meýilnamasyny işläp düzmäge gönükdirjekdigini görkezýär. Olaryň arasynda ýetginjekleriň ýustisiýasyna, şikeslikdir-ukypsyzlyk we edaralar tarapyndan idetmeklik; çaga hukuklary ulgamynda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, şeýle hem ýerlerde çagalar üçin niýetlenen maksatnamalary meýilleşdirmek boýunça welaýat derejesindäki hyzmatdaşlaryň mümkinçiliklerini artdyrmak ýaly meseleler bar. Mundan başga-da gowy hilli bilim, täze dogulan çagalaryň idedilmegi we saglygy goraýyş, bilim we AIW/AIDS-iň öňüni almak we ondan goranmak meseleleri boýunça döwlet derejesinde wagyz-nesihat kampaniýalaryny geçirmek babatynda uly iş ediler.



ÝUNISEF
Galkynyş köç., 40 jaýy,
Aşgabat 744013 Türkmenistan

Telefon: +99312 425681/82/85/86
Faks +99312 420830
Email: gsoltanova@unicef.org
http://www.unicef.org/turkmenistan